Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2024-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna
на 1 февраля 2024 года

Aşgabat 2024

# Mazmuny / Содержание

## SELJERIŞ MAKALALARY

SÖZ USSADYNA BAGYŞLANAN ÝYL:
BANK ULGAMY TARYHY ÖZGERTMELERE BESLENÝÄR
3

BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRI:
AKYLDAR ŞAHYRA GOÝULÝAN SARPA
5

TÄJIRÇILIK BANKLARYNDA GOÝUMLARYŇ KEPILLENDIRILIŞI
8

SANLY ULGAM - GIŇ MÜMKINÇILIKLER
10

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
12

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
14

## KADALAŞDYRYJY HUKUKNAMALAR

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň 2023-nji ýylyň 20-nji dekabrynda çykaran 422-iş/58-iş belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň bank ulgamynda we serişdeleri geçirýän subýektler üçin kibergoragy hem-de maglumat howpsuzlygyny üpjün etmegiň tertibi, talaplary we çäreleri
26

# SELJERIŞ MAKALALARY

## SÖZ USSADYNA BAGYŞLANAN ÝYL: BANK ULGAMY TARYHY ÖZGERTMELERE BESLENÝÄR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyz milli ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda taryhy ösüşlere eýe bolýar. Türkmenistanyň maliýe we bank ulgamynda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda degişli işler durmuşa geçirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň Gündogaryň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň ruhy ägirtligi baradaky gymmatly pikirlerini «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly täze şygrynda okyjylar bilen paýlaşmagy, bu ajaýyp eseriň adynyň şanly ýylymyzyň şygary hökmünde yglan edilmegi türkmen halkynyň ruhy gymmatlyklaryna belent sarpasyny alamatlandyrdy. Bu bolsa öz gezeginde 2024-nji ýylda doglan gününiň 300 ýyllygy halkara derejede giňden bellenilip geçiljek Magtymguly Pyraga bagyşlanjak toý-dabaralara, giň gerimli çärelere özboluşly badalga bolup, şöhratly taryhymyza altyn harplar bilen ýazyldy.

Akyldar şahyryň iňňän baý we çuňňur many-mazmunly edebi mirasyna goýulýan hormat, sarpa diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, bütin dünýäde hem barha artýar. Munuň aýdyň mysaly hökmünde Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) 2024-nji ýyly «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etmegi, şeýle hem Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi hormatly Prezidentimiziň türkmen halkynyň we umumadamzat medeniýetiniň belent taglymatlarynyň bähbidine alyp barýan medeni we ylmy diplomatiýasynyň dabaralanmagynyň nobatdaky beýany boldy.

Täze ýylyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiziň halkymyza «Ýaşlar —Watanyň daýanjy» atly eserini peşgeş bermegi hem bagtyýarlyk döwrümiziň ajaýyp wakalarynyň üstüni ýetirdi. Bu kitap ýaş nesliň jemgyýetimizdäki eýeleýän ornuna mynasyp baha berýän döwlet Baştutanymyzyň kämil ýol-ýörelgesi, nusgalyk gollanmasydyr. Bu eser hormatly Prezidentimiziň beden we ruhy taýdan sagdyn ýaşlary terbiýelemäge, olaryň mümkinçiliklerini açyp görkezmäge gönükdirilen öňdengörüjilikli başlangyçlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň ýene-de bir aýdyň subutnamasydyr. Hormatly Prezidentimiz bu dürdäne kitabynda: «Men Watan» we «halk» diýen mukaddes sözleriň ýurdumyzyň ýaşlarynyň durmuş şygaryna öwrüljekdigine, ýaşlaryň ene-ata, Watan öňündäki mukaddes borjuny berjaý edip, mynasyp adamlar bolup ýetişjekdiklerine, ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrunda jan aýaman zähmet çekjekdiklerine pugta ynanýaryn» diýip bellemek bilen, ýaş nesli täze, belent maksatlara ruhlandyrýar. Şunuň bilen birlikde hem, eseriň mazmunynda halk hojalygynyň ähli pudaklarynda türkmen ýaşlarynyň mümkinçiliklerine uly ornuň degişlidigi manyly pikirlerde açylyp görkezilýär. Bu ugurda ýurdumyzyň maliýe we bank ulgamynda zähmet çekýän ýaşlaryň zehin-başarnyklaryny ýüze çykarmakda zerur tagallalaryň edilýändigini bellemelidiris.

Bu ulgamyň çygrynda durmuşa geçirilýän işler dogrusynda aýdylanda halkara hyzmatdaşlygyň ilerledilmegine uly ähmiýet berilýändigini nygtamak zerur. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky ýurdumyzyň maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmekde halkara maliýe guramalary bilen gatnaşyklary yzygiderli ösdürýär. Bu bolsa milli ykdysadyýetimizi düýpli özgertmek we ýurdumyzyň ykdysady ösüşini üpjün etmek wezipelerine bankyň işjeň gatnaşýandygyny äşgär edýär. Şeýle hem bank tarapyndan «Türkmenistanyň daşary ykdysa-

dy işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda eksporta gönükdirilen we importyň ornuny tutýan önümleri artdyrmak maksady bilen maýa goýumlary çekmek boýunça işler alnyp barylýar.

Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda amala aşyrylmaly çäreleriň meýilnamasyna laýyklykda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy bilen baglaşylan ylalaşyk boýunça bankyň sanly ulgam bilen bagly işini has-da kämilleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bank tarapyndan nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek hem-de innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak maksady bilen, «Milli VISA karty» , «Owerdraft karty», «VISA Virtual», «Elektron söwda» hyzmatlary halkymyza hödürlenilýär. Bularyň hatarynda telekeçiler üçin milli we daşary ýurt pullarynda tölegleri geçirmek mümkinçiligini döredýän «Sanly bank hyzmatlary» programma üpjünçiliginiň işi hem ýola goýuldy.

Geljegi uly ugurlarynyň biri bolan döwrebap tehnologiýalary, şol sanda töleg kartlarynyň onlaýn usuldaky işjeňleşdirilmegine esaslanýan nagt däl hasaplaşyklaryň usullaryny giňden ornaşdyrmak bankyň alyp barýan işiniň möhüm bölegidir. Sanly ulgamyň esasy şertleriniň biri bolan bankyň resmi internet sahypasynda müşderileriň onlaýn tölegleri ýerine ýetirmegi, islendik bank amaly barada örän düşnükli gözükdirme almagy, bu ýerde uzak aralykdan habarlaşmak mümkinçilikleri göz öňüne tutulýar. Sanly taslamalar bilen kämilleşdirilýän bank ulgamy resmi internet sahypasynda bu ugurda häzire çenli ýola goýlan sanly hyzmatlarynyň köpüsini ulanmaga mümkinçilik berýär.

«Internet bank» ulgamynyň milli tejribede giňden durmuşa geçirilmegi bank hyzmatlaryna bolan islegleriň dessin, hiç ýere gitmezden islendik ýerden peýdalanyp bilmek görnüşinde ýerine ýetirilmegine getirdi. Häzirki wagtda Ýer ýüzünde giňden ýaýbaňlandyrylan ýörelge hasap edilýän ykdysady pudaklaryň sanlylaşdyrylmagy, degişli edara-kärhanalaryň işini sanly görnüşe geçirmek, onlaýn salgylanmalaryň mukdaryny artdyrmak bilen işleri görnetin ýeňilleşdirmek ugrunda işler dowam etdirilýär. Bu ugurda bankyň halkara ykdysady ulgamyndaky işjeňligini yzygiderli ýokarlandyrmagy hem täzeçil çemeleşmeleri durmuşa geçirmegine mümkinçilik döredýär.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» göz öňüne tutulýan wezipeleriň durmuşa ornaşdyrylmagyna, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini, ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, durmuş hem-de medeni mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak bilen bagly işlere, şol sanda raýatlara has amatly we ýeňillikli hyzmatlary ýerine ýetirmeklige, ýurdumyzyň maýa goýum syýasatyny ösdürmeklige uly orun berilýär. Biz şeýle ajaýyp zamanamyzda işlemäge, döretmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriniň mundan beýläk hem rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Enejan BÄŞOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy

# BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRI: AKYLDAR ŞAHYRA GOÝULÝAN SARPA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyz ynamly gadamlar bilen täze belentliklere tarap öňe barýar. Beýik özgertmeleri maksat edinýän agzybir türkmen halky 2024-nji ýyla hem uly ruhubelentlik bilen başlady. Dana şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligini, dünýä dolan şöhratyny has-da beýgeltmek we ony giňden wagyz etmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, beýik şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli, şeýle hem, Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän goşgusyndan ugur alyp, 2024-nji ýyl «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edildi. Milli mirasymyza sarpa goýmak, Watanymyzy mundan beýläk-de özgertmek, şan-şöhratyny we halkara abraýyny artdyrmak, ýaş nesli beýik söz ussadynyň dünýä nusgalyk döredijiligine çäksiz buýsanç, söýgi we hormat goýmak ruhunda terbiýelemek maksady bilen, 2024-nji ýylyň Magtymguly Pyragynyň ady bilen baglanyşykly atlandyrylmagy biz ýaşlary diýseň begendirdi.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda milli medeniýetimize, edebiýatymyza belent sarpa goýulýar. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna uludan taýýarlyk görülmegi, şahyryň şygryýet gününiň ýurdumyzda giňden baýram edilmegi akyldar şahyra goýulýan çuňňur sarpadan nyşandyr.

Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň ruhy ganaty, şamçyragy hasaplanýar. Şahyr adamkärçilige, ynsanperwerlige, watansöýüjilige ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Akyldaryň «Taraşlap, şaglatgyl köňle geleniň, Senden soňkulara ýadygär bolar» — diýen setirleri döwrümiziň gymmatly mirasy hasaplanýar. Şonuň üçin hem akyldar şahyryň döredijiligini edebiýatçylar, dilçi alymlar ylmy esasda öwrenýärler. Bu günki güne çenli şahyryň edebi mirasy hakynda ençeme ylmy garaýyşlar beýan edildi, kitaplar, eserler çap edildi.

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde watançylyk, gahrymançylyk, agzybirlik, il-ýurt hakyndaky şygyrlar has-da görnükli orny eýeleýär. Şahyr öz ýurduny, halkyny ýürekden söýüpdir hem-de türkmeniň berkarar döwlet gurup, agzybirlikde, asudalykda, jebislikde rahat ýaşamagyny arzuw edipdir. Şahyryň ençeme goşgulary nakyllara we atalar sözlerine öwrülip gidipdir. Magtymguly Pyragynyň goşgulary, baý döredijiligi ähli döwürlerde-de gymmatyny, sarpasyny ýitirmän gelen gymmatly mirasdyr. Dana Pyragy:

«Il-halkyň bir iş tutanda,
Sen ondan galyjy bolma.»
- diýmek bilen, nesillere gymmatly nesihat edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň milli edebi mirasymyza sarpa goýmak bilen baglanyşykly badalga beren asylly başlangyçlary Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda üstünlikli dowam etdirilip, ruhy ýörelgelerimizi, taryhymyzy, medeni mirasymyzy çuňňur öwrenmäge, olary giňden wagyz etmäge uly üns berilýär. Beýik dananyň halkara ylmy-edebi jemgyýetçiliginiň ünsüni çekýän edebi mirasyny dünýä derejesinde wagyz etmek boýunça degişli halkara guramalary bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyklar has-da ösdürilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň goldawy bilen 2021-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň, ýagny ÝUNESKO-nyň 42-nji mejlisinde 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk baýramy hem girizildi.

# SELJERIŞ MAKALALARY

Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň mejlisinde Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli, 2024-nji ýyly «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etmek hakynda ýurdumyzyň öňe süren başlangyçlarynyň biragyzdan goldanylmagy beýik söz ussadyna goýulýan belent sarpanyň güwäsidir.

Özüniň ykbalyny türkmen halkynyň ykbalyna mäkäm baglan şahyryň arzuw eden Berkarar döwletinde ýaşaýarys. Bagtyýar türkmen halky bu gün beýik akyldar, Magtymguly Pyragynyň arzuwlan zamanasynda ýaşamak bilen, şahyryň döredijiligine, edebi-mirasyna uly sarpa goýýar. Akyl-paýhasyna sarpa goýlup, hormatyna bagyşlanyp ýurdumyzda, şeýle-de dünýäniň dürli künjeklerinde Magtymguly Pyragynyň heýkelleri oturdylýar. Türkmenistanyň taryhyny öwrenmek, milli medeniýetimizi ösdürmek we türkmen şahyrlarynyň döredijilik mirasyny wagyz etmek boýunça Magtymguly adyndaky Halkara baýragy döredildi. Türkmen döwlet uniwersitetine, Türkmenistanyň milli sazly-drama teatryna, ýurdumyzyň welaýatlaryndaky obalara, şaýollara nusgawy şahyr Magtymguly Pyragynyň ady dakyldy. Türkmenistanyň ýaşlar guramasy hem akyldar şahyrymyzyň adyny göterýär. Her ýyl ýurdumyzda Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününiň giňden bellenilmegide akyldar şahyrymyzyň halkymyzyň arasynda çuňňur hormatlanylýandygyny äşgär edýär.



Çuňňur many-mazmuna ýugrulan şygyrlary diňe bir türkmen edebiýatynyň däl, eýsem, dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna öwrülen Magtymguly Pyragynyň sarpasy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has hem beýgelýär. Türkmen halkynyň we adamzadyň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmakda akyldar şahyrymyz bahasyna ýetip bolmajak işleri ýerine ýetiripdir. Bu gün adamzadyň öňünde duran düýpli meseleleri çözmek üçin şu mirasy çuňňur öwrenmek we ýol-ýörelge hökmünde özleşdirmek döwrüň talaby bolup durýar. Şonuň üçin hem, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly ajaýyp eseriniň aýratyn ähmiýete eýedigini bellemek gerek.

Goşguda beýik akyldaryň pähim-paýhasynyň dünýäni açýan genji-hazynadygy, adamyň we adamzadyň şol hazynany açyp, şan-şöhrata eýe boljakdygy barada dürdäne pikirler öňe sürülýär. Eserde:

«Mizemez binalaryň peýmany-ygtybary —
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy»

diýlip, beýik akyldaryň goýup giden mirasynyň adamzadyň ýaşaýşy bilen bagly meseleleri aňlamaga esas bolýan egsilmez pähim-paýhas ummanydygy nygtalýar. Alym Arkadagymyz goşgy setirlerinde:

«Barymyzy şärik edýär ägirt şöhrat-şanyna,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy»

diýmek bilen, beýik akyldaryň pähim-paýhasy ýaşaýyş ýörelgämize öwrülmek bilen, hakykatdan-da, her birimizi şan-şöhratyna şärik edýändigi barada aýdýar.

Alym Arkadagymyz:

«Ähli mekan-zamanlaryň çyn-hakyky raýaty

Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy»

diýen çuňňur many-mazmunly setirleriniň üsti bilen türkmeniň milli şahyry Magtymguly Pyragynyň adamzadyň beýik akyldarlarynyň arasynda mynasyp orna eýedigini nygtaýar.

Milli Liderimiziň döreden eserleri, şol sanda «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Ömrümiň manysy», «Ömrümiň manysynyň dowamaty», «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly eserleri beýik akyldaryň mirasyny öwrenmekde täze giňişligi açýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Dana Pyragynyň ynsanperwerligi, halallygy, agzybirligi ündeýän eserleri ähli adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr.» – diýip örän jaýdar belleýşi ýaly Magtymguly Pyragynyň many-mazmuna baý, şahyrana edebi mirasy köňülleriň çyragy, ruhy hazynadyr.

Beýik söz ussadynyň şygyrlary ýurdumyzyň geljegi bolan ýaş nesle edep-terbiýe, ylym, bilim bermekde ygtybarly çeşme, taýsyz gollanma bolup durýar. Ýaşlary Magtymguly atamyzyň paýhasly öwütleriniň esasynda halkymyza, Watanymyza, Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza wepalylyk ruhunda terbiýelemek biziň gönüden-göni borjumyz bolup durýar. Biz hem Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebimizde ýaşlar bilen terbiýeçilik we wagyz-nesihat işlerine aýratyn üns berýäris. Şonuň üçinem Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlap ýaşlaryň gatnaşmaklarynda dabaralary, bäsleşikleri, döredijilik duşuşyklaryny we beýleki medeni çäreleri yzygiderli geçirýäris.

Ýaşlara nusgalyk görelde bolup, belent maksatlara ruhlandyrýan, halkymyzyň ruhy dünýäsiniň baýlaşmagy, akyldar şahyrymyzyň döredijiliginiň giňden öwrenilmegi ugrunda giň gerimli işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli alyp barýan tutumly işleriniň hemişe rowaç almagyny tüýs ýürekden arzuw edýäris.

**Gülsere AHMEDOWA, Ogultäç SOPYÝEWA,**
Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlary

# SELJERIŞ MAKALALARY

## TÄJIRÇILIK BANKLARYNDA GOÝUMLARYŇ KEPILLENDIRILIŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary bilen bir hatarda bank ulgamynda hem düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Häzirki döwürde dünýä ýaramaz täsirini ýetirýän ýagdaýlaryň dowam edýändigine garamazdan Türkmen halkynyň Milli Lideriniň alyp barýan öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde ýurduň ykdysadyýetiniň ösüş depgini durnukly derejede saklanylýar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» çäklerinde milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak, pudaklaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak, milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny we jemgyýetçilik durmuşynyň ugurlaryny sanly ykdysadyýete geçirmek üçin zerur şertleri döretmek, ösüşiň senagat-innowasion ugruna yzygiderli geçmek arkaly durnukly we deňagramly ösdürmäge gönükdirilen Türkmenistanyň uzak möhletli geljek üçin döwlet ykdysady syýasatynyň esasy ýörelgeleri we gurallary kesgitlenilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan raýatlara döwrebap bank önümlerini hödürlemek, olary amatly bank hyzmatlary arkaly bank işjeňligine çekmek we şonuň bilen bir hatarda fiziki şahslara goýumlaryny kepillendirmek boýunça degişli işler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň karz edaralarynda fiziki şahslara açylan goýumlardaky pul serişdeleriň kepillendirilmegini 2016-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda tassyklanylan «Fiziki şahslaryň goýumlarynyň hökmany kepilligi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrylýar. Bu Kanun ýurduň täjirçilik banklaryndaky goýumlaryň kepilliginiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny we banklaryň goýumlarynyň hökmany kepillendiriliş ulgamyna gatnaşmaklaryny kesgitläp, onuň esasy wezipesi, goýumçylaryň hukuklaryny we bähbitlerini kanun taýdan goramakdan, ilatyň erkin pul serişdelerini bank goýumlaryna çekilmegini höweslendirilmekden hem-de olaryň ýurduň bank ulgamyna bolan ynamyny berkitmekden ybarat.

Goýumlaryň hökmany kepillendiriliş ulgamynyň esasy maksady, gatnaşyjy bankyň mejbury ýagdaýda işi ýatyrylan ýagdaýynda, kepillik öwez dolmany tölemek ýoly bilen, goýumçylaryň bähbitlerini goramakdan ybarat. Goýumlaryň hökmany kepillendiriliş ulgamynyň esasy ýörelgeleri şu aşakdaky görkezilenlerden ybaratdyr:

– fiziki şahslaryň goýumlaryny kabul etmek boýunça amallara banklaryň hökmany gatnaşmaklary;

– goýumlaryň hökmany kepillendiriliş ulgamynyň aýdyň bolmagy;

– goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasynyň emele gelmeginiň toplaýjylyk häsiýete eýe bolmagy.

Ilatyň goýumlarynyň hökmany kepillendiriliş gaznasy Türkmenistanyň Merkezi bankynda döredilýär we goýumçylara kepillik öwez dolmanyň tölenilmegi üçin niýetlenendir. Goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasy, gatnaşyjy banklaryň ýörite hasaba geçirýän gatançlarynyň hasabyna emele gelýär. Gatnaşyjy banklar hökmünde ýurduň karz edaralary çykyş etmek bilen, olar tarapyndan goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasyna geçirilýän tölegler hökmany gatançlar bolup çykyş edýär.

Goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasynyň serişdeleriniň dolandyrylmagy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylyp, bu gaznanyň serişdelerini gymmatly kagyzlara we Türkmenistanyň banklaryndaky goýumlara ýerleşdirilip bilinýär. Goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasynyň serişdeleriniň ýerleşdirilmeginden alnan girdejiler kepillik ätiýaçlygyna gönükdirilýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasynyň serişdelerini ýerleşdirmekden gelen girdejilerden we gatnaşyjy banklaryň ýörite gatançlaryndan kepillik ätiýaçlygyny döredýär. Kepillik ätiýaçlygynyň pul serişdeleri, goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasynyň serişdeleriniň ýetmezçilik eden ýagdaýynda, kepillik öweziniň dolunmagy üçin niýetlenilýär. Goýumçylara kepillik öwez dolmanyň tölenilmegi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kepillik ätiýaçlygynyň köpeldilmegi üçin zerur bolan möhlete, emma kazyýetiň gatnaşyjy bankyň işini mejbury ýagdaýda ýatyrmak hakyndaky karary kanuny güýje giren gününden başlap, kyrk bäş senenama günden köp bolmadyk möhlete çenli uzaldylyp bilinýär.

Gatnaşyjy banklar tarapyndan hökmany we ýörite gatançlaryň tölenilmegi şu aşakdaky görkezilen tertipde amala aşyrylýar:

1. Gatnaşyjy banklar tarapyndan goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasyna hökmany gatanç tölegleriniň geçirilmegini her çärýekde amala aşyrylýar;
2. Ýörite gatançlar bilen döredilen goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasyna geçirilen serişdeleriň ýetmezçilik eden ýagdaýynda, gatnaşyjy banklaryň kepillik ätiýaçlygyna bir gezeklik tertibinde tölegler geçirilýär.

Gatnaşyjy banklar tarapyndan hökmany we ýörite gatançlaryň tölenilmeli möçberini we tertibini Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilip, onda gatnaşyjy bankyň hökmany gatanjynyň möçberi, fiziki şahslaryň bankdaky goýumlarynyň hasaplaşylýan çärýekdäki ortaça galyndysynyň 0,25 göteriminden ýokary bolmaly däldir.

Banklaryň hökmany gatançlary hasabat çärýeginden soňky gelýän aýyň 15-nji gününden gijä galman her çärýekde geçirilýär. Şunda hökmany gatanjyň möçberiniň peselmegine ýol beren ýa-da serişdeleri goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasyna öz wagtynda geçirmedik gatnaşyjy bank, geçirilmäge degişli bolan hökmany gatanjyň 0,1 göterimi möçberini goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasyna jerime tölemäge borçly edilýär.

Kepillik öweziniň dolunmagyny, mejbury ýagdaýda işjeňligi ýatyrylan bank tarapyndan, özleriniň goýumçylarynyň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýän ýagdaýynda hem ulanylyp bilner. Şunda, goýumlar boýunça kepillik öwez dolmanyň tölenilmegini, goýumçynyň arzasy esasynda, nagt görnüşinde berlip ýa-da olaryň görkezen bank hasabyna nagt däl görnüşinde geçirilip bilinýär. Goýumçynyň öwezi dolmak boýunça talabyny, olaryň arzasynyň ygtyýarly banka gelip düşen gününden soňra bäş iş gününden gijä galman ýerine ýetirilýär.

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda, goýumlaryň hökmany kepillendiriliş gaznasynyň hasabyna goýumlaryň öwezini dolunanda, ilkinji nobatda mejbury ýagdaýda işjeňligi ýatyrylan bankyň algydarlary boýunça  talaplary kanagatlandyrylýar. Goýumçylar gatnaşyjy banklardaky açylan bank goýumlaryň sanyna garamazdan, kepillendirilýän goýum boýunça, olaryň 100 göterim möçberinde kepillik öwez dolmany almaga haklydyrlar. Şunda, fiziki şahslaryň goýumlary boýunça kepillik öwez dolmanyň töleniliş tertibini Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilýär.

Daşary ýurt pulundaky kepillendirilýän goýumlar boýunça kepillik öwez dolmanyň tölenilmegi, milli pulda, tölegiň geçirilýän senesinde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilýän hümmeti boýunça amala aşyrylýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda maliýe we bank ulgamynyň işini kämilleşdirmekde, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmakda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri elmydama rowaç alsyn!

**Hüseýin HAJYGURBANOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

# SELJERIŞ MAKALALARY

## SANLY ULGAM - GIŇ MÜMKINÇILIKLER

Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmekde oňa sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak şu güniň gaýragoýulmasyz wezipeleriniň biridir.

Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryna täze innowasion tehnologiýalary, şol sanda sanly tehnologiýalary ornaşdyryp, elektron resminamalar dolanyşygyna hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamyna geçmek, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny döretmek, sanly aragatnaşyk babatynda şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmak wezipelerini öňe sürýär. Öňde goýlan bu wezipeler maglumat-aragatnaşyk, şol sanda Internet hyzmatlarynyň hiliniň we ygtybarlylygynyň ýokarlandyrylmagyny, maglumat-aragatnaşyk üpjünçilik ulgamynyň ösdürilmegini, adamyň aň-bilim mümkinçilikleriniň doly derejede ulanylmagyny talap edýär.

Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi ýurtda uzak möhletleýin ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga ýardam berýän netijeli ulgamlaryň ornaşdyrylmagyna, jemgyýetçilik hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagyna we kämil görnüşleriniň ýola goýulmagyna, halkyň durmuş şertleriniň özgerdilmeginde tehnologiýalar bilen bagly töwekgelçilikleriň peselmegini üpjün etmek bilen, Internet ulgamynyň mümkinçilikleriniň giňeldilmegine ýardam berýär.

Sanly ykdysadyýete geçmekde milli intellektual tehnologiýalar (IT) ulgamyny ösdürmek, innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny höweslendirmek hem-de bu ugurlarda halkara derejesinde hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Jemgyýetiň ähli düzümleriniň - döwletiň, hususy böleginiň, raýatlaryň we IT bileleşikleriniň ählisiniň sanly ykdysadyýete çekilmegini üpjün etmek esasy talaplara öwrülýär. Şunuň bilen bir hatarda, jemgyýetiň sanly gurşawa bolan ynamynyň artmagyny gazanmakda maglumat we innowasion tehnologiýalaryň maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegi wajyp wezipeieriň hatarynda kesgitlenýär.

Sanly ykdysadyýete tapgyrlaýyn geçmegiň çäklerinde maglumatlaryň kiber howplara garşy goraglylygynyň üpjün edilmegine, şeýle hem düzüm gurluşlarynyň ähli birlikleriniň, maliýe ulgamynyň we döwlet dolandyryşynyň durnuklylygynyň ýokarlandyrylmagyna aýratyn üns berilýär. Sanly ykdysadyýet babatynda has öňdebaryjy ýurtlaryň tejribesi hökümetiň ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak meselelerine has içgin çemeleşmesiniň netijesinde, ýurduň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň işjeň ornaşdyrylýandygyny, döwlet hyzmatlarynyň ähli görnüşleriniň elektron görnüişde amala aşyrylýandygyny, bilim ulgamynda göni aragatnaşykda bilim bermek usulynyň işjeň ulanylýandygyny görkezýär.

Sanly ykdysadyýeti ösdürmekde söwda, maliýe, bank ulgamlaryna we döwlet dolandyryşyna ilkinji orun degişli bolup, olar çalt uýgunlaşýarlar we anyk netije berýärler.Milli ykdysadyýete sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetmek, elektron senagatyny döretmek, adamyň aň-bilim maýasyna, işewürlige we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek - sanly özgertmeleriň dünýä derejesinde ýokary tizlik bilen ýaýraýan döwründe gaýragoýulmasyz meseleler bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda ilatyň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmak, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna ýetirmek, giň gözýetimli, durmuşa ukyply, zehinli ýaş nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek, ykdysadyýetimiziň dürli ugurlary üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

«Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň»

durmuşa geçirilmegi sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegine aýaratyn üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Konsepsiýany amala aşyrmagyň çäklerinde milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak we kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, şeýle hem ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak hem-de tejribeli milli we halkara bilermenlerini işe çekmek boýunça işleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzyň ykdysady strategiýasynda ylma daýanýan, dünýä bazarynda bäsleşige ukyply bolan önümleri öndürmek wezipesine aýratyn orun degişli bolup, täze bilimleriň we tehnologiýalaryň özleşdirilmegi, şeýle-de olaryň döwletiň durmuş-ykdysady ösüşiniň bähbidine ulanylmagy dünýä hojalygyn da ýurdumyzyň tutýan ornunyny kesgitleýän görkezijilerdir.

Häzirki döwürde döwletimiziň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine gönükdirilen ägirt uly özgertmeleriň ylmy taýdan düýpli esaslandyrylmagy wajyp bolup durýar. Ylmy önümçilik bilen berk baglanyşdyrmak, önümçilige ylmyň gazananlaryny we öňdebaryjy dünýä tejribesini giňden ornaşdyrmak esasy wezipeleriň biridir. Döwletiň ähli ulgamlarynyň kemala getirilmeginiň binýady bolan ýokary hilli bilim ýurdumyzyň ykdysadyýetini üstünlikli ösdürmegiň möhüm düzüm bölegidir.



Innowasion mümkinçilikleriň artdyrylmagy, ilkinji nobatda, ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmaga itergi bermek bilen, täze senagat kärhanalaryň döredilmeginiň baş şerti bolup durýar. Innowasion kärhanalaryň döredilmegi diňe bir içerki bazaryň şeýle önümlere bolan isleglerini kanagatlandyrman, eýsem, jemi içerki önümde inowassion önümleriň möçberleriniň artmagyna, netijede, ýurdumyzyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna hem ýardam berýär. Şeýle hem öňdebaryjy tehnologiýalaryň esasynda döredilen kärhanalaryň sanynyň artmagy täze iş orunlarynyň döredilmegine, ilatyň iş bilen üpjünçilik derejesiniň gowulanmagyna öz oňyn täsirini ýetirýär.



Ösüşiň täze belentliklerini nazarlaýan Watanymyzda ähli ulgamalryň sanlylaşdyrylmagy ýokary depginde amala aşyrylyp, halkara ülňülerine laýyk gelýän häzirki zaman maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna daýanýan sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak ugrunda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

Umuman ýurdumyzda sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň ösüşine uly itergi berýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Munuň özi uzak möhletleýin ykdysady ösüşi we ýokary öňdürijiligi gazanmaga, ýurdumyzyň içerki önüminiň düzüminde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň paýyny artdyrmaga, döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, esasy önümçilik-ykdysady işleriň ähli görnüşlerini awtomatlaşdyrmaga we merkezleşdirilen tertipde dolandyrmaga şeýle hem, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

**Aknur KOÇUMOWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy

**Gülşat SÖÝÜNOWA,**
Türkmen döwlet maliýe institutynyň 2-nji ýyl talyby

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2024-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2024 г.**




**2024-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2024 г.**




**2024-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 февраля 2024 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



№1
2024

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана

## 2024-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 февраля 2024 г.




## Karz edaralaryň işjeň dällerininiň düzümi, (%-de)

## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2024-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 февраля 2024 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
### Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| **GÖRKEZIJILER**<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.02.2023 | 01.01.2024 | 01.02.2024 | 01.02.2024<br>01.01.2024-e,<br>%-de | 01.02.2024<br>01.02.2023-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **11** | **11** | *100,0* | *110,0* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания» | sany / ед. | | 1 | 1 | *100,0* | |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **150** | **150** | *100,0* | *102,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | * | **7 046 129** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 391,8** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **6 842,9** | **7167,8** | **7 232,8** | *100,9* | *105,7* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **15 719,74** | **17876,07** | **16 573,48** | 92,7 | 105,4 |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **88 747,55** | **89 102,20** | **88 429,12** | *99,2* | *99,6* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **41 644,65** | **39 600,98** | **38 736,48** | *97,8* | *93,0* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2024-nji ýylyň 1-nji fewral ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 февраля 2024 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Arkadag<br>Аркадаг | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **23** | 3 | 8 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
10) maglumat serişdeleri – maglumat ulgamynyň düzümindäki elektron görnüşli maglumat, maglumatlar binýady;

11) maglumat ulgamy – maglumat binýatlarynda saklanýan maglumatlaryň we olaryň işlenilip taýýarlanylmagyny üpjün edýän maglumat tehnologiýalarynyň we tehniki serişdeleriň jemi;

12) maglumatlaryň gorag serişdeleri – maglumatlary emele getirmek, ibermek, kabul etmek, özgertmek, görkezmek we saklamak boýunça tapgyrlarynda kriptografiki we tehniki goragyny üpjün edýän enjam, programma we (ýa-da) programma-enjamlaýyn serişdeler;

13) maglumatlaryň kriptografiki gorag serişdeleri – maglumatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin olaryň kriptografiki özgertmelerini amala aşyrýan enjam, programma ýa-da programma-enjamlaýyn serişdeler, şol sanda şifrleme serişdeleri, imitogorag serişdeleri, elektron sanly gol serişdeleri, açarly resminamalary taýýarlaýyş serişdeleri we açarly resminamalaryň hut özi (açar maglumatyny göterijiniň görnüşine garamazdan);

14) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleri – möhüm maglumat infrastrukturalarynyň subýektleriniň maglumat ulgamlary, maglumat-telekommunikasiýa ulgamlary, awtomatlaşdyrlan dolandyryş ulgamlary;

15) serişdeleri geçirýän subýektler – Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan berlen ygtyýarnama esasynda serişdeleri geçirmäge subýektler;

16) torara ekran (firewall) – ulgama gelip girýän we (ýa-da) ulgamdan çykyp gidýän maglumatlara gözegçiligi amala aşyrýan ýerli (bir komponentli) ýa-da wezipesi boýunça paýlanan programma (programma-enjamlaýyn) serişde (toplum);

17) töwekgelçiliklere baha bermek – töwekgelçiligiň ähmiýetini kesgitlemek maksady bilen ýerine ýetirilýän, hasaplanan töwekgelçiligiň we töwekgelçilik ölçeglerini deňeşdiriş prosesi;

18) zyýanly programma – haýsy-da bolsa ygtyýarsyz ýa-da ýaramaz maksatly hereketleri ýerine ýetirmek üçin ýörite işlenip taýýarlanan zyýanly programma üpjünçiligi;

19) ACL (Access Control List) – tor ulgamynda ygtyýarlyklaryň sanawy;

20) DHCP (Dynamic Host Configuration Protocol) Snooping - tor ulgamynda salgylary paýlaýan ygtyýarsyz hyzmatlaryň öňüni almak üçin gorag çäresi;

21) Directory Service – tor ulgamyndaky ulanyjylaryň şahsy otag hasabyny we enjamlary merkezleşdirilen görnüşde jemleýän we dolandyrmagy ýeňilleşdirýän kataloglar (bukjalar) gullugy;

22) DMZ (Demilitarized Zone) – iki ýa-da birnäçe torlaryň kesişýän, birleşýän ýerlerinde gorag üçin gurnalýan bitarap tor zolagy;

23) EDR (Endpoint Detection and Response) – kompýuterlerde, serwerlerde zyýanly programma üpjünçilikleri we şübheli hereketleri anyklamaga we olara jogap çärelerini gaýtarmaga ýardam berýän gorag çözgütler toplumy;

24) e-commerce (elektron söwda) – harytlar we hyzmatlar bilen bagly amallaryň internet ulgamynyň üsti bilen ýerine ýetirilmegi;

25) Hardening – tor ulgamynda, operasion ulgamlarda, programma üpjünçiliklerde we enjamlarda maglumat howpsuzlygyny artdyrmak maksady bilen goşmaça gorag çäreleri geçirmek (ulanylmaýan portlary ýapmak, soňky täzelenmeleri gurnamak);

26) Hosting prowaýderi – Internet toruna hemişelik çatylan maglumatlar ulgamynda maglumaty ýerleşdirmek üçin hasaplaýyş kuwwatyny bermek boýunça hyzmatlary ýerine ýetiriji şahs;

27) HTTPS (Hypertext Transfer Protocol Secure) - web-saýtlaryň işjeňligini üpjün edýän goragly tor protokoly;

28) IPSec (Internet Protocol Secure) – VPN torlaryny şifrlemekde ulanylýan goragly tor protokoly;

29) log ýazgylary - programma üpjünçilikleriniň, tehniki enjamlaryň we ulanyjylaryň maglumat ulgamyndaky islendik hereketleri, ýerine ýetirýän işleri baradaky bellikleri saklaýan faýl. Log ýazgysynda hereketiň kime degişlidigi, ulanyjynyň, enjamyň tehniki häsiýetlendirilişi (IP, MAC belgileri, tehniki atlandyrylyşy we beýlekiler), hereketiň görnüşi, wagty, senesi saklanylýar;

30) PAM (Privileged Access Management) – ulgam administratorlarynyň ýa-da hukuklary aýratyn bolan ulanyjylaryň hereketleriniň gözegçiligi üçin niýetlenen çözgüt;

31) PCI DSS (Payment Card Industry Data Security Standard) - töleg kart maglumatlaryny kabul edýän, işleýän, saklaýan ýa-da iberýän ähli taraplaryň goragly gurşawy üpjün etmekleri üçin döredilen howpsuzlyk standartlarynyň toplumy;

32) Port-security – tor ulgamynyň swiçleriniň portlaryna ygtyýarly fiziki adresleriň birikdirilmegini üpjün etmek üçin niýetlenen gorag çäresi;

33) Proxy – tor akymlaryny özüniň üsti bilen geçirmek arkaly, filtrasiýa, çäklendirme, gözegçilik işlerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenen çözgüt;

34) SIEM (Security Information Event Management) – maglumat howpsuzlygynyň hadysalaryny anyklamaga, olary seljermäge we jogap bermäge ýardam berýän çözgüt;

35) SNMPv3 (Simple Network Management Protocol version 3) – tor ulgamynda enjamlary dolandyrmak üçin niýetlenen goragly tor protokoly (3-nji wersiýasy);

36) SOAR (Security Orchestration, Automation and Response) – kiberhowpsuzlyk we maglumat howpsuzlygy amallarynyň we işleriniň awtomatlaşdyrylmagyny, gowşaklyklaryň anyklanmagyny, birnäçe gorag ulgamlarynyň ýörite gurallar arkaly integrasiýa edilmegini üpjün edýän toplumlaýyn gorag çözgüdi;

37) SSH (Secure Shell) – ulgamlary dolandyrmak üçin goragly birikme (goragly baglanma) tor protokoly;

38) SSL/TLS (Secure Sockets Layer/Transport Layer Security) – web sahypalarda, elektron poçtalarda, programma üpjünçiliklerde we çözgütlerde şifrleme üçin ulanylýan tor protokoly;

39) Telnet – enjamlary dolandyrmak üçin niýetlenen açyk (goragly däl) tor protokoly;

40) VPN (Virtual Private Network) – şifrlenen goragly aragatnaşyk tory;

41) WAF (Web Application Firewall) – web ulgamlaryň, web saýtlaryň goragy üçin niýetlenen enjam ýa-da çözgüt.

## II bap. Türkmenistanyň bank ulgamynda we serişdeleri geçirýän subýektler üçin kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmegiň tertibi we çäreleri

5. Karz edaralarynda we serişdeleri geçirýän subýektlerde kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilişi şu aşakdaky üç wezipelerden ybarat:

1) maglumatlaryň ýaşyrynlygyny üpjün etmek – maglumatlaryň bikanun elýeterliligini, köpelmegini, berilmegini we ýaýradylmagyny öňüni almak;

2) maglumatlaryň bitewiligini üpjün etmek – maglumatlaryň bikanun ýok edilmegini ýa-da üýtgedilmegini öňüni almak;

3) maglumatlaryň elýeterliligini üpjün etmek – maglumatlaryň bikanun beklenmegini öňüni almak.

6. Karz edaralarynda we serişdeleri geçirýän subýektlerde kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegi şu aşakdaky tertipde amala aşyrylmalydyr:

1) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň sanawyny kesgitlemek we düzmek hem-de olary derejelendirmek, olara bildirilýän talaplary üpjün etmek Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda çykaran 1975-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň sanawyny döretmegiň we derejelendirmegiň Tertibine, Türkmenistanyň möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň Döwlet sanawyny döretmegiň we onuň işjeňligini üpjün etmegiň Tertibine, Türkmenistanyň möhüm obýektlerinde maglumat howpsuzlygyna döwlet gözegçiliginiň Talaplaryna we Tertibine laýyklykda amala aşyrylmalydyr;

2) maglumatlara abanýan howplary kesgitlemek we kibergoragyň hem-de maglumat howpsuzlygynyň töwekgelçiliklerine baha bermek;

3) maglumat howpsuzlygy syýasatyny düzmek we tassyklamak;

4) kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün ediş ulgamyny döretmek maksady bilen, maglumat goragynyň hukuk, guramaçylyk, programmalaýyn we tehniki çärelerini işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek.

7. Karz edaralarynda maglumat howpsuzlygy syýasaty işlenilip taýýarlanylmalydyr we olaryň ýolbaşçylarynyň buýrugy bilen tassyklanmalydyr.

8. Karz edaralarynda we serişdeleri geçirýän subýektlerde maglumat ulgamy we maglumat-telekommunikasiýa ulgamlary (torlar, aragatnaşyk ulgamlary) taslamalaşdyrylyp başlanan pursatyndan (gurnalmazdan, işe girizilmezden ozal) Türkmenistanyň Merkezi banky, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda degişli edaralar we gulluklar bilen kiberhowpsuzlyk hem-de maglumat howpsuzlygy nukdaýnazaryndan ylalaşylmalydyr.

9. Kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegine şu aşakdaky obýektler degişlidir:

1) serwer we kommunikasion otaglary;

2) maglumatlary işläp taýýarlamagyň, saklamagyň we ibermegiň tehniki serişdeleri;

3) maglumat serişdeleri, şol sanda maglumat binýatlary we maglumat binýatlaryny dolandyryş

ulgamlary, web-serişdeler, faýl ulgamlary;

4) torlar, şol sanda aragatnaşyk geçirijileri, tor enjamlary, tory dolandyryş ulgamy;

5) maglumat ulgamlary;

6) iş stansiýalary, mobil enjamlary;

7) ulgamlaýyn we amaly programma üpjünçilikleri;

8) maglumatlaryň gorag serişdeleri;

9) maglumat göterijileri;

10) faýllar.

## III bap. Türkmenistanyň bank ulgamynda we serişdeleri geçirýän subýektler üçin kibergoraga hem-de maglumat howpsuzlygyna bildirilýän talaplar

10. Kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün ediş ulgamyny guramaga bildirilýän talaplar:

1) kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň meselelerini çözmek maksady bilen hukuk, guramaçylyk we tehniki çäreleriň bilelikdäki ulgamyny emele getirýän we maglumatlary goramak ulgamyny öz içine alýan kibergoragy, maglumat howpsuzlygyny üpjün ediş ulgamy gurulmalydyr;

2) kibergoragy hem-de maglumat howpsuzlygyny üpjün ediş ulgamyny ornaşdyrmak, ulanmak, oňa tehniki hyzmaty etmek boýunça ulgamlaýyn çemeleşme üpjün edilmelidir. Şunda «defense-in-depth» ýörelgesinden ugur alynmalydyr.

11. Kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň hukuk çärelerini üpjün etmek boýunça talaplar:

1) kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalary işlenilip taýýarlananda Türkmenistanyň kanunçylygyna gollanmalydyr;

2) kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerini düzgünleşdirýän guramaçylyk-buýruk beriji resminamalar karz edaralarynyň hukuk namalary bilen tassyklanmalydyr hem-de degişli gullukçylarynyň we işgärleriniň dykgatyna ýetirilmelidir;

3) karz edaralaryň kibergoragyny we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, maglumat howpsuzlygy syýasatyna olarda beýan edilen maglumatlary seljermek we derwaýyslygyny güýçlendirmek maksady bilen zerurlyga laýyklykda gaýtadan seredilmegi ýola goýulmalydyr.

12. Kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň guramaçylyk çärelerini üpjün etmek boýunça talaplar:

1) kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça guramaçylyk-serenjam beriji häsiýetli hukuk namalary döretmek boýunça guramaçylyk çäreleri olaryň işlenip taýýarlanmagyna, tassyklanmagyna, ýerine ýetirilişiniň gözegçiligine we gaýtadan seredilmegine gönükdirilmelidir;

2) kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmegiň guramaçylyk düzüminiň işini döretmek we utgaşdyrmak bilen baglanyşykly guramaçylyk çäreleri geçirilmelidir;

3) kiberhowpsuzlyk we maglumat howpsuzlygy boýunça jogapkär ýolbaşçy we jogapkär administrator bellenilmelidir;

4) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň sanawyny kesgitlemek, derejelendirmek, olaryň goragyny üpjün etmek, olaryň hasabyny ýöretmek, tükelleme işlerini geçirmek bilen baglanyşykly guramaçylyk çäreleri geçirilmelidir;

5) maglumat howpsuzlygy syýasatyny dogry işläp taýýarlamak we maglumat goragynyň talaplaryny taýýarlamak üçin kiberhowpsuzlygyň we maglumat howpsuzlygynyň howplaryna we töwekgelçiliklerine baha bermek boýunça çäreler geçirilmelidir;

6) kiberhadysalary we maglumat howpsuzlygynyň hadysalaryny ýüze çykarmak, olaryň zyýanly netijelerini aradan aýyrmak we derňewlerini geçirmek maksady bilen guramaçylyk çäreleri geçirilmelidir;

7) kibergorag we maglumat howpsuzlygy çygrynda işgärleriň hünär we bilim derejelerini ýokar-

landyrmak maksady bilen guramaçylyk çäreleri geçirilmelidir (hünär talaplarynyň bellenilmegi, okuwlary geçirmek, ýerli hem-de halkara okuwlara yzygiderli gatnaşdyrmak, bu ugurlarda sertifisirlenen hünärmenleri taýýarlamak).

13. Fiziki elýeterlikden gorag boýunça talaplar:

1) fiziki goragy üpjün etmek boýunça guramaçylyk we tehniki çäreleri keseki şahslaryň gorag obýektlerine aralaşmagyna ýol bermeli däldir;

2) karz edaralaryň we serişdeleri geçirýän subýektleriň binalarynyň fiziki goragy guramaçylyk we tehniki çäreleri ulanmak arkaly (gözegçilik edilýän zolagy hemişelik wideogözegçiligi astynda) üpjün edilmelidir;

3) ýerli hasaplaýyş torunyň kabel ulgamy çekilende oňa göni fiziki elýeterliligiň bolmagy aradan aýrylmalydyr;

4) serwer we kommunikasion otaglary, girişi çäklendirilen iş otaglary aýratyn goragda bolmalydyr;

5) serwer we kommunikasion otaglaryň, aragatnaşyk kabelleriniň suw, ýokary woltly tok we beýleki bolup biljek kommunal geçirijilerinden gelip biljek zyýanlardan goragly ýagdaýda bolmagy üpjün edilmelidir;

6) serwer we kommunikasion otaglary gurnalanda Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2021-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda 1509 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň 2021-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda çykaran 8-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Pudagara elektron maglumat alyş-çalyş ulgamyna birikdirilmeli enjamlaryň serwer otagyna bildirilýän talaplaryna gollanylmalydyr.

14. Tor howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça talaplar:

1) tor howpsuzlygynyň guramaçylyk we tehniki çäreleri amala aşyrylanda kiberhowpsuzlygyň we maglumat howpsuzlygynyň dürli howplaryndan, şol sanda toruň, tor enjamlarynyň we serişdeleriniň goragy üpjün edilmelidir;

2) ähli telekommunikasiýa enjamlary, şol sanda aragatnaşyk geçirijileriniň kabelleri we toruň periferiýa enjamlary bilen ähli birikdirmeler gözegçilik edilýän zolagyň çäklerinde ýerleşdirilmelidir;

3) tor howpsuzlygynyň tehniki çärelerini, tor howpsuzlygy serişdeleriniň ulanylyşyny we işiniň üpjün edilişini amala aşyrmagy toruň administratory ýerine ýetirmelidir;

4) tor howpsuzlygy taslamalaşdyrylanda, ornaşdyrylanda we dolandyrylanda karz edaralary we serişdeleri geçirýän subýektler bu ugurda Türkmenistanyň kanunçylygyndan we halkara standartlaryndan gollanmalydyrlar;

5) torlarda, şeýle hem maglumat ulgamlarynda simsiz birikdirmeleriň ulanylmagy önümçilik zerurlygy bilen şertlendirilmese ýa-da tehnologiki prosesleri amala aşyrmak bilen baglanyşykly bolmasa, onda simsiz birikdirmeler çäklendirilmelidir:

a) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektlerinde simsiz birikdirmeleriň ulanylmagy aradan aýrylmalydyr;

b) gözegçilik edilýän zolagyň daşynda we ýaşyryn häsiýetli çäreler geçirilende simsiz birikdirmeler gadagan edilmelidir;

ç) maglumat ulgamlarynda we torlarda simsiz birikdirmeler ulanylan ýagdaýynda, olar boýunça goralan VPN ýa-da HTTPS birikdirmelerini guramak bilen, şeýle hem zerurlyk ýüze çykanda maglumatlaryň kriptografiki goragynyň goşmaça serişdelerini ulanmak bilen olaryň gorag çäreleri ýerine ýetirilmelidir;

6) tora, onuň böleklerine we serişdelerine elýeterliligi çäklendirmek üçin azyndan tor we transport derejelerinde işleýän, tor howpsuzlygynyň bellenen düzgünlerine laýyklykda geçýän tor

akymynyň gözegçiligini we barlanyp geçirilmegini üpjün edýän torara ekranlaryny (firewall) ulanmak gerekdir;

7) umumy ulanyşdaky telekommunikasiýa (bankara tor, beýleki edaralar bilen birleşýän torlar) we internet torlaryna elýeterligi bolan karz edaralaryň we serişdeleri geçirýän subýektleriň umumy elýeter serwisleri ýerli hasaplaýyş torunyň düzümine girmeýän, toruň aýratyn böleginde (DMZ zolagy) ýerleşdirilmelidir. DMZ zolagynyň umumy ulanyşdaky telekommunikasiýalar we internet torlaryna birikdirilýän araçäginde goşmaça torara ekrany gurnalyp bilner;

8) torara ekranlarynyň sazlamasy karz edarada durmuşa geçirilýän maglumat howpsuzlygy syýasatyna we tor howpsuzlygynyň düzgünlerine laýyk gelmelidir;

9) karz edaralaryň we serişdeleri geçirýän subýektleriň tory umumy ulanyşdaky telekommunikasiýalar we internet torlaryna birikdirilende torara ekranlar bilen bir hatarda programma we amaly derejelerde geçýän tor trafiginiň elýeterliliginiň çäklendirilmegini we barlanyp geçirilmegini üpjün edýän Proxy serwerleri ulanylmalydyr;

10) proxy serwerler torara ekranlary bilen bilelikde ulanyjylaryň daşky serwislere we serişdelere elýeterliginiň çäklendirilmegini üpjün etmelidirler;

11) sosial torlar, güýmenje häsiýetli daşky internet hyzmatlary, şeýle hem şunuň ýaly hyzmatlaryň ulanyjylar tarapyndan ulanylmagy gös-göni olaryň hünär işi bilen baglanyşykly bolmasa ýa-da olaryň wezipe borçlaryna laýyk gelmese çäklendiriji çäreler kabul edilmelidir;

12) tor aralaşmalaryndan we kiber hüjümlerinden gorag, aralaşmalary ýüze çykaryş we olaryň öňüni alyş serişdelerini (IDS/IPS) ulanmak bilen üpjün edilmelidir;

13) telekommunikasiýa torlary boýunça maglumatlaryň goragly berilmegi üçin IPSec we SSL/TLS protokollaryny hem-de maglumatlaryň kriptografiki gorag serişdelerini ulanýan VPN tehnologiýasyny ulanmak boýunça çäreler kabul edilmelidir;

14) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň ähli obýektlerinde hem-de goralan ýerli we paýlanan torlarynda umumy ulanyşdaky telekommunikasiýalar torunyň kanallaryny, hususan-da açyk, goragly däl (Telnet we ş.m.) tor protokollarynyň ulanylmagyna ýol berilmeli däldir;

15) tor ulgamynda goragly tor protokollary ulanylmalydyr (SSH, SNMPv3, HTTPS we ş.m.);

16) tor ulgamynyň howpsuzlygy üpjün edilende halkara standartlarynyň tehniki çäreleri üpjün edilmelidir (port-security, dhcp snooping, ACL we ş.m.);

17) maglumat ulgamlaryna, maglumat-telekommunikasiýa ulgamlaryna, möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektlerine uzak aralykdan baglanmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylmalydyr;

18) karz edaralara degişli ulgamlary daşary ýurduň çäginde ýerleşdirmek ýa-da daşary ýurduň çäginden dolandyrmak gadaganlyklary göz öňünde tutulmalydyr;

19) içki tor ulgamlarynda gurnalan tor we serwer enjamlarynyň hem-de antiwirus gorag serişdeleriniň täzelenmeleri ýerine ýetirilende, içki we internet tor ulgamynyň fiziki taýdan aýratynlykda bolmak şerti göz öňünde tutulmalydyr. Şunda, täzelenme serwerleri maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek bilen aýratyn bölünen tor böleginde ýerleşdirilip bilner.

15. Ygtyýarsyz elýeterlikden goragy üpjün etmek boýunça talaplar:

1) ygtyýarsyz elýeterlikden goragy üpjün etmek üçin elýeterlilige gözegçiligi alyp barmak we ony dolandyrmak (çäklendirmek) boýunça serişdeler ornaşdyrylmalydyr we ulanylmalydyr;

2) ygtyýarsyz elýeterliligi almak (hasaba alynmadyk ulanyjynyň girmegi) synanyşygynda möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektlerine elýeterliligiň ýoly gabalmalydyr. Subýekt tarapyndan elýeterlik syýasaty bozulan ýagdaýynda (IP salgysy ýa-da domen gabat gelmese, goragsyz tordan birikmek, goragsyz birikdirmegi ulanmak we beýlekiler) ýa-da birikdirilýän enjam maglumat howp-

suzlygynyň talaplaryna laýyk gelmedik halatynda we ş.m. elýeterliligi gabamak boýunça goşmaça çäreler görülmelidir;

3) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektlerine elýeterliligiň gözegçiligini alyp barmak guralanda autentifikasiýa synanyşyklarynyň sany çäklendirilmelidir we synanyşyklaryň sany karz edaranyň maglumat howpsuzlygy syýasatyna we halkara standartlaryna gabat getirilmelidir;

4) elýeterlilige gözegçiligi alyp barmak we ony dolandyrmak boýunça serişdeler elýeterlilik wakalarynyň monitoringini amala aşyrmalydyrlar, şol sanda ygtyýarly elýeterliligiň we ygtyýarsyz elýeterlilige synanyşyklaryň hasaba alynmagyny we hasabynyň ýöredilmegini alyp barmalydyr, şol bir wagtyň özünde elýeterlilik wagty, elýeterlilik subýekti we (ýa-da) obýekti ýazgy edilip bellenýär, şeýle hem elýeterlilik subýektiniň hereketleri «log» ýazgy görnüşinde resmileşdirilýär;

5) ulanyjylaryň möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektlerine we maglumat ulgamlaryna elýeterliligi we ygtyýarlygy karz edarasynyň ýolbaşçysynyň buýrugy esasynda berkidilmelidir;

6) tor serişdelerine (maglumatlaryň tordaky faýl saklawhanalary, printerler, iş kompýuterleri we beýlekiler), ulgamlara (elektron poçta we beýlekiler) elýeterlilige gözegçiligi alyp barmak, ony çäklendirmek we dolandyrmak üçin, goragly torda ulanyjylaryň we iş kompýuterleriň hasap ýazgysyny ýöretmek üçin ulgamlaýyn programma önümlerinde amala aşyrylan ýa-da aýry-aýry programma serişdeleri görnüşinde ýerine ýetirilen kataloglar gullugyny (Directory Service) ulanmak gerekdir;

7) administrator hukukly ulanyjylaryň elýeterlilik açar sözleri karz edaranyň maglumat howpsuzlygy syýasatynda we halkara standartlarynda bellenen möhletlerde üýtgedilmelidir;

8) köp gezeklik elýeterlilik açarlary azyndan dokuz belgiden ybarat bolup, olarda ýokarky we aşaky registriň harplary, sanlar we ýörite belgiler utgaşykly ulanylmalydyr;

9) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektlerine elýeterlik üçin ulanylýan beýleki barabarlaýjy maglumatlary (biometriki görkezijilerden başgasy) ýylda azyndan bir gezek çalşylmalydyr;

10) ähli iş kompýuterlerde onuň işini gabamak çäreleri ýa-da ulanyjynyň işjeňligi bolmadyk ýagdaýynda 3 minutdan geçmeýän wagtyň dowamynda awtomatiki işjeňligini togtatmak (ekranyň blokirlenmesi) mümkinçiligi göz öňünde tutulmalydyr;

11) administrator hukukly ulanyjylaryň ýerine ýetirýän hereketleri aýratyn gözegçilikde saklanmalydyr (PAM).

16. Zyýanly programmalardan gorag boýunça talaplar:

1) zyýanly programmalardan, şol sanda kompýuter wiruslaryndan, gurçuklaryndan, troýan we içaly programmalardan, eksploýtlardan we beýlekilerden şu aşakdaky guramaçylyk-tehniki gorag çäreleri göz öňünde tutulmalydyr:

a) zyýanly programmalardan gorag serişdelerini (antiwiruslary, antiiçalylary we beýlekileri) ulanmak;

b) howpsuzlyk derejesini ýokarlandyrmak üçin web-brauzerleri sazlamak, şol sanda peýda bolýan penjireleri we web-mahabatlary gabamak, zyýanly ýa-da şübheli kontenti ýüklemek synanyşygynda duýduryşlar, web-saýtlary gözden geçirmegiň howpsuz düzgünini ulanmak we beýlekiler;

ç) daşky elektron maglumat göterijileri maglumatlary işläp taýýarlamak, saklamak we bermek boýunça serişdelerde ulanmazdan öň, olary zyýanly programmalaryň bolmagyna antiwirus gorag serişdeleriniň kömegi bilen hemişe barlamak;

d) iş kompýuterlerde daşky maglumat göterijileriň ulanmagyny çäklendirmek;

e) antiwirus goragynyň serişdeleriniň kömegi bilen girýän elektron poçta hatlaryny zyýanly programmalaryň bolmagyna barlamak;

ä) maglumat akymynyň mazmunyny barlaýan serişdeleriniň we proksi-serwerleriň kömegi bilen zyýanly saýtlara elýeterliligiň ýoluny gabamak;

f) iş kompýuterlerde ulanyjylara rugsat berilmeýän programmalary gurnamagy gadagan etmek,

administratoryň hukuklaryny çäklendirmek;

g) ulanyjylaryň internet torunyň hyzmatlarynyň operatorynyň daşyndan aýlanyp geçmegi boýunça çäklendirmeleri girizmek.

17. Maglumatlaryň gizlinligini we bitewiligini üpjün etmek boýunça talaplar:

1) ýaşyryn maglumatlar berlende we saklananda olaryň gizlinligi we bitewiligi üpjün edilmelidir;

2) ýaşyryn maglumatlaryň gizlinligi we bitewiligi maglumatlaryň kriptografiki goragynyň sertifikatlaşdyrylan serişdeleri bilen üpjün edilmelidir;

3) maglumatlar binýadynda saklanylýan maglumatlary goramak maksady bilen, häzirki zaman maglumatlar binýadyny dolandyryş ulgamynda ulanylýan, maglumatlary şifrlemek we olaryň bitewiligini barlamak boýunça serişdeler ulanylmalydyr.

18. Maglumat serişdeleriniň goragy boýunça talaplar:

1) karz edaralarynda we serişdeleri geçirýän subýektlerde maglumat serişdeleriniň goragy üpjün edilmelidir. Olara hususan-da, web-serişdeler (web-programmalar), faýl saklawhanalary we maglumatlar binýady degişlidir;

2) maglumatlary işleýiş merkezlerinde we hosting prowaýderlerinde ýerleşdirilýän web-serişdelere administratorlaryň (sazlamalary we dolandyryşy amala aşyrýan) we maglumatlaryň täzelenmegini üpjün edýän ulanyjylaryň daşdaky elýeterliligi ynamly IP-salgylardan goragly (HTTPS, SSH) birleşdirmeleri guramak bilen amala aşyrylmalydyr;

3) web-serişdeleriň maglumat howpsuzlygy üçin şu aşakdaky guramaçylyk-tehniki gorag çäreleri göz öňünde tutulmalydyr:

a) kiberhowpsuzlygyň we maglumat howpsuzlygynyň mümkin bolan howplaryny yzarlamak we web-serişdelere ýüz tutulmagyny ýazgy etmek üçin wakalaryň hasaba alyş kitabyny (log ýazgylary) ýöretmek we olaryň seljermesini geçirmek;

b) zerur bolmadyk ýagdaýynda web-serwerde ulanylmaýan gulluklary, kataloglary gözden geçiriş wezipelerini we ähli ulanylmaýan serwer giňeltmelerini öçürmek (hardening);

ç) giriş-çykyş ýüzlenmeleri seljermek, adatdan daşary hereketleri) ýüze çykarmak, barlamak, filtrlemek, petiklemek we maglumat howpsuzlygy syýasatynda bellenilen möhlete çenli saklamak;

d) web-serişdelerde ulanylýan komponentleri we serwisleri öz wagtynda täzelemek;

e) web-serişdeler işe girizilende we ulanyşyň dowamynda gowşaklyklara yzygiderli barlaglary geçirmek;

4) web-serişdeleriň goragy üçin WAF gurnamak;

5) tordaky faýl saklawhanalaryny goramak üçin şu aşakdaky guramaçylyk-tehniki gorag çärelerini göz öňünde tutmalydyr:

a) ulanyjylara faýllara we bukjalara zerur bolan elýeterlilik hukuklarynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde bermek;

b) diňe okamak üçin niýetlenen bukjalarda faýllaryň ýerine ýetirilmegine we ýazgy edilmegine gadaganlygy girizmek;

ç) ulanyjylaryň ýüzlenmesi boýunça ulanylmaga berilýän bukjalaryň, faýllaryň we maglumatlaryň ýerleşýän ýerlerini gizleýiş mehanizmlerini ulanmak;

d) daşky we uzak aralykdan peýdalanýan ulanyjylar üçin niýetlenmedik daşky tordan faýl serwerlerine elýeterliligi gadagan etmek;

e) faýl bukjalarynda audit sazlamasyny işletmek.

19. Goraglylygyň gözegçiligini we derňewini üpjün etmek boýunça talaplar:

1) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň goraglylygy boýunça seljerme işleri yzygiderli geçirilmelidir we ähliside hardening işleri geçirilmelidir;

2) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleri üçin goraglylyk ýagdaýyna hemişelik monitoring (gözegçilik) çäreleri göz öňünde tutulmalydyr, şol sanda ulgamyň ýagdaýynyň we konfigurasiýasynyň üýtgemegine (täze tor nokatlarynyň we gulluklarynyň peýda bolmagy, operasion ulgamy ýa-da amaly programmalary täzeden gurnamak, enjamlar konfigurasiýasyny üýtgemek, maglumat howpsuzlygynyň sazlamalarynyň we parametrleriniň üýtgedilmegi we beýlekiler) gözegçilik boýunça çäreleri göz öňünde tutmalydyr we Gözegçilik merkezleri gurnalmalydyr.

20. Kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň hadysalarynyň monitoringini we dolandyryşyny üpjün etmek we olara jogap çärelerini geçirmek boýunça talaplar:

1) kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň netijeliligini üpjün etmek üçin hasaba alyş kitabyny ýöretmek hem-de bu wakalary ýüze çykarmak we derňemek, maglumat howpsuzlygynyň hadysalaryny kesgitlemek we olara jogap çärelerini geçirmek üçin yzygiderli monitoringi alyp barmak möhüm bolup durýar;

2) hasaba alyş kitaplarynda maglumat howpsuzlygynyň heläkçilikli ýagdaýlary we hakyky wakalary barada ýeterlik mukdarda maglumatlar bolmalydyr, munuň özi maglumat howpsuzlygynyň çaklanylýan we hakyky hadysalarynyň ygtybarly derňewini amala aşyrmak üçin zerurdyr;

3) hasaba alyş kitaplarynda maglumat howpsuzlygynyň wakalary olaryň senesini we wagtyny, wakanyň görnüşini, waka bagly bolan möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektini we netijeleriniň häsiýetini görkezmek bilen ýazgy edilmelidir. Hasaba alyş kitaplary kagyz ýa-da elektron görnüşde ýöredilip bilner;

4) maglumat howpsuzlygynyň hadysalarynyň monitoringi we dolandyryşy boýunça çäreleri awtomatlaşdyrmak üçin maglumat howpsuzlygynyň hadysalarynyň monitoringi we dolandyryşy boýunça ulgamlar (SIEM, EDR, SOAR ýaly) ulanylmalydyr;

5) kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň hadysalaryna jogap çäreleri geçirilmelidir;

6) karz edaralaryň maglumat ulgamlarynyň hem-de gözegçilik merkezleriniň işi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Kibergorag merkezi bilen utgaşykly gurnalmalydyr.

21. Dürli çeşmeler boýunça ýitgilerden maglumatlary goramak boýunça talaplar:

1) elektron maglumatlaryň karz edaranyň çäginden birugsat çykarylmagyny öňüni almak maksady bilen maglumatlaryň ýitgileriniň öňüni alyş (DLP) ulgamlarynyň ulanylmagyny göz öňünde tutmak gerekdir;

2) elektron maglumatlaryň ýitgilerini öňüni almak babatynda maglumatlaryň ýitgileriniň öňüni alyş (DLP) ulgamlary bilen bir hatarda, IDS/IPS, duýduryjy enjamlaryň we çözgütleriň gurnalmagy göz öňünde tutulmalydyr.

22. Maglumatlaryň bitewiligini, bökdençsiz işlemegini üpjün etmek we işiň dikeldilmegi boýunça talaplar:

1) maglumatlaryň bitewiligini üpjün etmek we olary dikeltmek boýunça çäreler maglumat ulgamlarynda we serişdelerinde göz öňünde tutulmalydyr;

2) serwer, telekommunikasiýa enjamlary, maglumat ulgamynyň, toruň we maglumat goragynyň administratorlarynyň iş kompýuterleri, şeýle hem goraglylygy ýokary bolan maglumat ulgamlarynyň ulanyjylarynyň iş kompýuterleri elektrik togy bilen bökdençsiz üpjün edilmelidir;

3) ähli ulgamlar boýunça adatdan daşary ýagdaýlarda hereket etmegiň meýilnamasy taýýarlanylmalydyr;

4) möhüm maglumat infrastrukturalarynyň obýektleriniň ätiýaçlyklary üpjün edilmelidir.

23. Köpugurly «Bir penjire» ulgamy bilen ugtaşdyrylanda kibergoragy we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça talaplar:

1) maglumat ulgamlary şu aşakdaky maksatlar bilen köpugurly «Bir penjire» ulgamy bilen utgaşdyrylmalydyr:

a) utgaşdyrylýan ulgamlaryň maglumatlar binýatlarynyň arasynda maglumatlary goragly alyşmak;

b) maglumatlary bermek, elýeterliligi almak ýa-da maglumatlary almak üçin köpugurly «Bir penjire» ulgamyna birikdirmek;

2) köpugurly «Bir penjire» ulgamyna utgaşdyrylýan maglumat ulgamlary kibergoragyň we maglumat howpsuzlygynyň talaplaryny kanagatlandyrmalydyr;

3) maglumat ulgamlary köpugurly «Bir penjire» ulgamyna utgaşdyrylanda özara maglumat alşygy goragly tor arkaly amala aşyrylmalydyr;

4) torlaryň, maglumat ulgamlarynyň karz edaranyň çäginden daşky tora birikdirilýän araçäginde torara ekranlar gurnalmalydyr;

5) köpugurly «Bir penjire» ulgamyna birikdirilýän iş kompýuterlerinde zyýanly programmalardan gorag serişdeleri ulanylmalydyr.

24. Karz edaralaryň prosesing merkezleri tarapyndan online tölegleri kabul etmek üçin müşderilere berilýän e-commerce hyzmatlarynda halkara bank standartlaryny (PCI DSS standart) ýerine ýetirmek boýunça talaplar:

1) goragly torlar we ulgamlar gurnalmalydyr we olaryň gözegçiligi alnyp barylmalydyr:

a) kart saklaýjynyň maglumatlaryny goramak üçin torara ekranyny (firewall) gurnamak we konfigurasiýasyny kämil saklamak;

b) ulgam parollary we beýleki gorag parametrleri üçin öndüriji tarapyndan goýulýan zawod sazlamalaryny (default) ulanmazlyk;

2) kart saklaýjynyň maglumatlary goralmalydyr:

a) kart saklaýjynyň saklanylýan maglumatlaryny goramak;

b) kart saklaýjynyň maglumatlary açyk, köpçülikleýin torlardan geçende şifrlemek;

3) gowşaklyklary dolandyrmak meýilnamasy girizilmelidir:

a) ähli ulgamlary zyýanly programmalardan goramak we antiwirus programma üpjünçiliklerini yzygiderli täzelemek;

b) goragly ulgamlary we goragly programmalary taýýarlamak we olaryň tehniki goldawyny alyp barmak;

4) kart saklaýjynyň maglumatlaryna elýeterlilik babatynda berk gözegçilik çäreleri durmuşa geçirilmelidir:

a) karz edaralaryň prosesing merkeziniň işgärleri üçin girişi çäklendirmek;

b) ulgam böleklerine elýeterliligi kesgitlemek we autentifikasiýa etmek;

ç) fiziki elýeterliligi çäklendirmek;

5) torlara yzygiderli gözegçilik edilmelidir we synaglar geçirilmelidir:

a) tor çeşmelerine we kart saklaýjynyň maglumatlaryna ähli elýeterliligi gözegçilikde saklamak;

b) gorag ulgamlaryny we prosesleri yzygiderli synagdan geçirmek;

6) ähli işgärler üçin maglumat howpsuzlygy syýasaty ýöredilmelidir;

7) PCI DSS standartynyň talaplary berjaý edilmelidir hem-de onuň aktual bolan soňky wersiýasyndan peýdalanylmalydyr.

25. Log ýazgylary almak, saklamak we olary seljermek boýunça talaplar:

1) maglumat ulgamlaryň log ýazgylarynyň merkezleşdirilen tertipde ýygnalmagy we 12 aý möhlet bilen saklanylmagy üpjün edilmelidir;

2) log ýazgylaryň senesiniň hem-de wagtynyň dogry we anyk bolmagy üçin maglumat ulgamlary wagt serweri bilen sinhronizasiýa edilmelidir;

3) log ýazgylaryň yzygiderli seljerilmegi ýola goýulmalydyr;

4) log ýazgylaryň goragly ýerde we goragly görnüşde saklanylmagy üpjün edilmelidir.